# Ukrain ýomaklary

Category: Degişmeler,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ukrain ýomaklary UKRAIN ÝOMAKLARY

– Nirä dazlap barýarsyñ?
– Uruşýanlary aralamaga…
– Kim uruşýa?
– Bondarçuk bilen men.

* * *

Kakasy ata-eneler ýygnagyndan dolanyp gelipdir. Ol öýde top oýnap ýören ogluny ýanyna çagyryp, gaharyny ýuwudypdyr-da:
– Sen öz klasyñyzda iñ ýalta okuwçyny tanaýañmy? – diýip sorapdyr.
– Bilmedim, kaka, hä näme? – diýip, ogly egnini gysypdyr.
– Bileñokmy, a sen, belki, hemme kişi sapagyny işläp durka, iki elini biri-biriniñ üstünde goýup oturanyñ kimdigini aýdarsyñ?
– Ä-ä! – diýip, ogly gygyrypdyr. – Wah, başda şeý diýip soraýmazlarmy? Ol-a biziñ mugallymymyz…

* * *

– Señ adyñ näme, oglanjyk?
– Bilemok!
– O nähili bileñok? Öýüñizde señ adyny näme diýip tutýarlar?
– Kakam-a bezzat, ejem möjek, atam galtaman, enem bolsa şeýtan diýýär!

* * *

– Näme üçin sen äýnek dakynañok? – diýip, segsen ýaşly kempirden sorapdyrlar.
– Wah, men näler dakynjak-la! Ýöne şü ärimden çekinýän. Birden ol maña «Sen-ä eýýäm garrapsyñ» diýse, men näderin! – diýip, kempir jogap beripdir.

* * *

Aýaly:
– Bilýäňmi, maňa bäş sany men diýen goç ýigit öýlenjek bolup çytraşypdy. Ýöne şonda-da olaňky paşmady. Bu günki gün bolsa sen…
Adamsy:
– Päheý, bu akmagyň sammyldaýşyny. Hut meniň özüm on sany gyza öýlenjek bolup, olaryň gözüni-başyny aýlapdym ahyry…

* * *

– Sen goňşyňyň gulagyna ýelmäpsiň diýip aýdýarlar welin, şol çynmy?
– Galat! Eger-de ol şuňa meňzeş ýene-de gabahat zatlary lakgyldaýsa, ony ýene bir ýelmärin welin, gaýdyp ikini islemez ýaly bolar…

* * *

Iki awçy özara söhbet edýär.
– Sen ýekegapan awlaňda tüpeňiňe nähili ok salýaň?
– Diňe tüsselisini.
– O näme üçin.
– Sebäbi tüsse sowlynça men agaja dyrmaşmaga ýetişýärin.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 31.07.1979 ý. Degişmeler